# Bilýard

Category: Kitapcy,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 22 января, 2025
Bilýard BILÝARD




Bilýard stoluň üstünde oýnalýan birnäçe oýnuň birleşen görnüşi hasaplanýar. Sebäbi onuň birnäçe ugurdaş görnüşleri giňden bellidir. Olaryň hemmesinde hem stoluň üstündäki şarlary taýak bilen (kiý) urup, torly halka girizmek boýunça bäsleşýärler. Bilermenler bilýardyň fransuz dilindäki şar (bille) we taýak (bilette) diýen sözlerden hasyl bolandygyny aýdýarlar. Şonuň üçin olaryň hemmesi umumylykda bilýard diýlip atlandyrylýar.
Taryhy maglumatlar bilýardyň dörän ýeriniň Aziýadygyny biragyzdan tassyklaýarlar. Ýöne käbir çeşmeler bu oýny döredeniň hytaýlylardygyny aýtsa, ýene birlerinde Hindistanyň ady agzalýar. Şeýle-de bolsa, ýewropaly bilermenler bilýard heniz döremänkä oňa meňzeş oýnuň Ýewropada oýnalandygyny nygtaýarlar. Olar Germaniýanyň çäklerinde «Bafkespiel», Angliýada «Pali-Mall» ýaly oýunlaryň ir döwürlerden bäri belli bolandygyny aýdyp, öz pikirlerini ösdürýärler. Ýöne çeşmeleriň aglabasynda bilýardyň XV-XVI asyrlarda Hytaýyň üsti bilen Ýewropa aralaşandygy nygtalýar. Şol bir wagtyň özünde bilýardyň taryhyny öwrenijiler oňa meňzeş oýnuň gadymy Müsürde hem oýnalandygy hakyndaky garaýşy öňe sürýärler. Sebäbi Müsürde gazuw-agtaryş işleri geçirilende biziň eýýamymyzdan 3300 ýyl ozal ulanylan bilýardyňka meňzeş enjamlar tapylypdyr. 4 sany şardan we 3 sany taýakdan ybarat bolan şol enjamlar olara esasy tutaryk bolup hyzmat edýär.
Bilýardyň stoluny ilkinji bolup kimiň ýasandygy barada weli hiç hili jedelli mesele ýok. Saklanyp galan resminamalara laýyklykda, 1569-njy ýylda ussa Anri de Winem Lýudwik XI üçin bilýard stoluny ýasap beripdir. Onuň üstüniň mahmal bilen

örtülendigi we häzirki bilýard stollaryna juda meňzeşdigi alymlaryň ünsüni özüne çekýär. Lýudwik XII döwründe bolsa Fontenblo köşgünde bilýard zaly döredilipdir.

Bilýardyň birnäçe görnüşleriniň bardygyny makalamyzyň başynda ýatlapdyk. Onuň karambol diýlip atlandyrylýan görnüşinden başga-da, rus bilýardy giňden ýaýrandyr. Rus bilýardy erkin piramida (amerikanka), rus piramidasy, Moskwa piramidasy, Newa piramidasy diýen ugurlara bölünýär. Snuker bilýardyň bütin dünýäde meşhur görnüşleriniň biri hasaplanýar. Snuker boýunça ýaryşlaryň Aziýa oýunlarynda hem guralýandygy onuň dünýäniň iň köp ilatly yklymynda näderejede uly meşhurlykdan peýdalanýandygyny nygtamaga mümkinçilik berýär. Ol sinuca brasileira, amerikan snukeri, volunteer snooker, 6 gyzylly snuker, power snooker ýaly ugurlary öz içine alýar. XIX asyrda bolsa kiçi rus piramidasy atly görnüş esaslandyrylýar. Ol häzirki wagtda-da ähmiýetini ýitirenok.

Ilkinji bolup dünýä çempionaty geçirilen sportuň görnüşiniň hem bilýarddygyny bellemek gerek. 1873-nji ýylda ABŞ-da guralan şol çempionatda fransiýaly Garnýe familiýaly bilýardçy ýeňiji bolupdyr. Bilýard taýagyny kämilleşdiren fransiýaly hünärmen barada bolsa has doly maglumat saklanyp galypdyr. Fransua Menge 1771-nji ýylda Le Kaýlar obasynda fermerleriň maşgalasynda dünýä inýär. Ol taýagyň ujuna deriden ýasalan ýelmentgi (nakleýka) çalmak usulyny oýlap tapypdyr. Ondan ozal weli bilýardçylar taýagyň ujuna gips çalýan ekenler. Bilermenler bilýardy diňe bir sportuň görnüşi hökmünde däl, eýsem dynç almak üçinem peýdaly oýun hasaplaýarlar. Olar ökde bilýardçynyň sowukganly, duýgur we üşükli adam bolýandygyny nygtaýarlar.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Sport we turizm